От Народа Японии



# ZÄHMET DEPDERÇÄNI NÄHILI ALMALY

**Zähmet depderçe näme**

Zähmet depderçesi işgäriň zähmet işi hakyndaky esasy resminamasydyr.

**Zähmet depderçäni nähili almaly**

Size öň zähmet depderçesi açylmadyk bolsa, işe duran wagtyňyz öň Size zähmet depderçesiniň açylmandygyny beýan edip ony açmak barada öz işberijiňize arza bilen ýüz tutmaly. Işgär üçin zähmet depderçesi tölegsiz esasda açylýar. Zähmet depderçesiniň tölegi işberiji tarapyndan amala aşyrylýar.

**Zähmet depderçesi nirede saklanýar**

Eger-de Siz hiç ýerde işlemeýän bolsaňyz Zähmet depderçäňiz özüňizde saklanýar. Işe duranyňyzda bolsa Siziň zähmet depderçäňizi saklamak üçin iş beriji jogapkärçilik çekýär.

**Zähmet depderçedäki maglumatlary kim doldurýar**

Zähmet depderçedäki ähli maglumatlar eýeçiliginiň görnüşine garamazdan işberiji (HK, HJ, Telekeçi, döwlet edarasy) tarapyndan doldurylýar.

**Zähmet depderçä nähili maglumatlar ýazylýar.**

Zähmet depderçesine işgär, onuň işe kabul edilmegi, başga hemişelik işe geçirilmeleri, saýlawly edaralara saýlanmagy, işgäriň işden boşadylmagy hakyndaky maglumatlar, şeýle hem zähmet şertnamasyny bes etmegiň esasy, işgäriň sylaglanylmagy we höweslendirilmegi hakyndaky maglumatlar girizilýär.

Şeýle hem Zähmet depderçede işgäriň pensiýa ätiýaçlandyrmasy ulgamyndaky şahsy hasaba alnyş belgisi ýazylýar.

**Zähmet depderçesi ýitirilen ýagdaýynda näme etmeli**

Eger-de zähmet depderçesi ýiten ýagdaýynda, bu barada haýal etmän zähmet depderçesine soňky ýazgylary girizen iş berijä habar edilmelidir. Habar edilenden soň, 15 senenama gününden gijä galynman birinji sahypasynyň ýokarky sag burçunda «Öwezlik» diýen ýazgyly täze zähmet depderçesi resmileşdirilýär.

Zähmet depderçesiniň öwezligi resmileşdirilende işgäriň soňky iş ýerinde onuň işi hakyndaky maglumatlar ozal çykarylan buýruklaryň we beýleki resminamalaryň esasynda zähmet depderçesiniň öwezliginiň ähli bölümlerine ýazylýar.

- Zähmet depderçesiniň nusgasyny saklamak maslahat berilýär
- işberiji (HK, HJ, Telekeçi, döwlet edarasy) öz işini bes eden bolsa iş döwrüňizi tassyklaýan resminamalary almak üçin döwlet arhiwine ýüz tutmaly

Size şu sapaklaryň peýdaly bolanlygy we maslahatlary ulanan ýeriňiz barada habar bermegiňize garaşýarys. Sapaklar bilen tanyşanyňyzdan soň öz ýaşyňyzy we jynsyňyzy, size gyzykly bolan temalary görkezmek bilen şeýle hem soraglaryňyzy we teklipleriňizi bilen undpyouthproject@gmail.com elektron salga hat ýollamagyňyzy haýyş edýäris. Hödürlenen her bir teklip ünsli seljeriler we taýýarlanan sapaklar ýakyn wagtda saýtda ýerleşdiriler.

Bu sapaklar Ýaponiýanyň Hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýän, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hem-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy bilen hyzmatdaşlykda alnyp barylýan BMG-nyň ÖM-nyň Ýaşlar taslamasynyň çäklerinde işlenilip düzüldi.